MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com ATAVATAN TÜRKMENISTAN MART AÝYNYŇ 22-si, 2025. №11



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI: NOWRUZ – DOST-DOGANLYGYŇ BAÝRAMY

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, hormatly Prezidentimiz asylly däbe eýerip, iş kesilen 321 raýatyň mübärek Gadyr gijesi mynasybetli günäsini geçmek hakynda Permana gol çekdi.

Soňra Mejlisiň Başlygy hem-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň hasabatlary diňlenildi. Mejlisiň barşynda ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk esaslaryny mundan beýläk-de berkitmek, kanun çykaryjylyk işini yzygiderli kämilleşdirmek, döwletimiziň kanunçylyk binýadyny halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyk getirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasbaat berildi.

Şeýle hem bank ulgamyna sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, "Türkmengaz" we "Türkmennebit" döwlet konsernleriniň gurluş düzümini kämilleşdirmek, oba hojalyk toplumynda hem-de welaýatlarda dowam edýän işler barada hasabatlar berildi.

Döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, gowaça ekişi möwsüminiň golaýlap gelýändigini, onuň pagtaçy babadaýhanlarymyzyň öňünde örän möhüm wezipeleri goýýandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda 26-njy martda gowaça ekişine başlamaga ak pata berip, hormatly ýaşulularymyzdan gowaça ekişine "Bismilla" bilen başlap bermeklerini haýyş etdi.

Mejlisiň dowamynda şu ýylyň maýynda geçiriljek "Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum" atly halkara ykdysady forumyň çäklerinde guraljak halkara sergä Türkmenistanyň gatnaşmagy bilen baglanyşykly görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berildi. Bu sergide halkymyzyň milli medeni gymmatlyklary, ýurdumyzyň söwda-ykdysady, maýa goýum mümkinçilikleri, eksport ugurly täze önümleri tanyşdyrylar.

Şeýle hem mejlisde "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda "Awaza – dostluk mekany" atly halkara tans we folklor festiwalyny geçirmegiň guramaçylyk meseleleri barada habar berildi. Halkara festiwalyň esasy maksady dünýä halklaryny türkmen milli tans sungaty we gadymy folklory bilen tanyşdyrmakdan, olary wagyz etmekden, halklaryň arasyndaky döredijilik gatnaşyklaryny ösdürmekden ybaratdyr.

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda birinji synpa kabul edilmegine garaşylýan 142 müň 698 okuwçyny kompýuterler bilen üpjün etmek meýilleşdirilýändigi barada habar berildi.

Mundan başga-da, mejlisiň dowamynda ýaşlar syýasaty babatda Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berildi.

Mejlisiň dowamynda milli flotumyz üçin halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berildi. Bellenilişi ýaly, deňizçileriň hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, degişli okuw maslahatyny geçirmek göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna, ähli watandaşlarymyza ýüzlenip, 21-nji martda Milli bahar baýramynyň – Halkara Nowruz gününiň giňden bellenilip geçiljekdigini, 22-nji martda bolsa ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek maksady bilen, ählihalk bag ekmek dabarasynyň geçiriljekdigini aýtdy. Gündogar halklarynyň durmuşynda aýratyn orun eýeleýän Nowruz ynsanperwerligiň, agzybirligiň, dost-doganlygyň baýramydyr. Nowruz baýramy halklaryň arasynda dost-doganlygy, agzybirligi, parahatçylygy we ynanyşmagy berkidýär diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## TÜRKMENISTANDA MILLI BAHAR BAÝRAMY – HALKARA NOWRUZ GÜNI BELLENDI

Türkmenistan döwletimiziň çar künjeginde Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni giňden bellenilýär. Paýtagtymyzda, şeýle hem welaýatlarda-da syllaryň soltany hasaplanylýan bahar paslynyň gelmeginiň alamatlandyrýan bu baýramçylyk mynasybetli Ahal ýaýlasynda giň dabaralar guraldy. Milli bahar baýramy mynasybetli esasy dabaralar, däp bolşy ýaly, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabyndaky "Nowruz ýaýlasynda" ýaýbaňlandyryldy.

**"Ata Watan Media"** toparynyň hem gatnaşan dabaralaryna Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş ýaş nesilleriň kalbynda ýagşy gylyk-häsiýetleri terbiýelemäge, watansöýüjilige, dost-doganlyga, zähmetsöýerlige, halallyga söýgi döretmäge ýardam berýär." diýlip bellenilýär.

Soňra baýramçylyk dabarasy ýaşajyk türkmenistanlylaryň çykyşlary bilen başlady. Dabarada Nowruz baýramynyň giňden toýlanýan ýurtlarynyň aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlandyryldy.

Şeýle hem dabarada ýurdumyzyň medeniýet we sungat ussatlarynyň taýýarlanýan folklor-etnografik sahna görkezme çykyşlary guraldy.

Baýramçylyk dabaralarynyň geçirilýän ýeri bolan "Nowruz ýaýlasynda" bezelen ak öýler





edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleri, köp sanly myhmanlar gatnaşdylar.

Baýramçylyk dabarasynyň başynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Bahar Seýidow hormatly Prezidentimiziň baýramçylyk mynasybetli watandaşlarymyza iberen Gutlagyny okady. Hormatly Prezidentimiz Gutlagynda: "Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Milli bahar baýramynyň – Halkara Nowruz gününiň taryhy ähmiýeti has-da ýokarlanýar. Nowruz baýramynda berjaý edilýän däp-dessurlar parahatçylygy, ynanyşmagy, jebisligi, ynsanperwerligi giňden wagyz etmäge, dikilip, türkmen obasy ýaýbaňlandyryldy. Onda amaly-haşam sungatynyň eserleri görkezildi.

Türkmenistanda geçirilýän milli baýramçylyklary ajaýyp ahalteke bedewlerine atlanan ökde çapyksuwarlarsyz göz öňüne getirmek kyndyr. "Galkynyş" milli at üstündäki oýunlar toparynyň görkezme çykyşlary hemmeler üçin hakyky sowgat boldy. Bu topar diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, daşary ýurtlarda-da meşhurdyr. "Galkynyş" topary ýaňy-ýakynda Monte-Karlo şäherinde geçirilen sirk festiwalynda baş baýraga mynasyp boldy.

Baýramçylyga baguşlanyp, bu ýerde Türkmenistanyň sungat ussatlarynyň konserti geçirildi. Onuň dowamynda aýdym-sazlar, tans we halk döredijiligi eserleri, mähriban Watanymyzy, täze taryhy döwrümizi, gazanýan uly üstünliklerimizi wasp edýän çykyşlar ýerine ýetirildi.

## AMERIKANYŇ ILÇISI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW ADYNDAKY HAÝYR-SAHAWAT GAZNASYNYŇ IŞINE ÝOKARY BAHA BERDI

Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewanyň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Elizabet Rud bilen duşuşygy boldy. Duşuşykda gaznanyň alyp barýan işleriniň halkara gatnaşyklary ösdürmekdäki ähmiýeti bellenildi.

Duşuşykda O.Atabaýewa Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleri barada gürrüň berip, ynsanperwer maksatlara gönükdirilen işleri ýerine ýetirmegiň bu düzümiň esasy wezipesi bolup durýandygyny belledi.



Bellenilişi ýaly, haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleri barha giň gerime eýe bolup, ol goňşy we sebitdäki hyzmatdaş ýurtlaryň çagalaryna-da degişli derejede ýardam berýär. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Elizabet Rud gaznanyň alyp barýan işleri bilen giňişleýin tanyşdyryp, beren gürrüňleri üçin O.Atabaýewa hoşallyk bildirip, bu çäreleriň diňe öwgä mynasypdygyny aýtdy we onuň işleriniň barha öňe ilerläp, mundan beýläk-de üstünlikleri gazanmagyny arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda şu ýyl gaznanyň döredilmegine 4 ýyl bolýandygy bilen baglylykda, bu senäniň halkara derejeli çäreleriň geçirilmegi arkaly bellenilmegi baradaky wezipelere hem üns çekildi. Şunuň bilen baglylykda, käbir degişli meseleler boýunça pikir alşyldy.

Ilçi Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň asylly we ynsanperwer işlerini goldaýandygyny aýtdy hem-de gaznanyň işini has-da öňe ilerletmek ugrunda, şol sanda ony halkara derejede ösdürmek maksady bilen, bilelikde iş alyp barmaga taýýardygyny nygtady.

### Türkiýäniň energetika ministri: türkmen gazynyň Türkiýä iberilmegi taryhy ädim

Türkiýe Respublikasynyň energetika we tebigy serişdeler ministri Alparslan Baýraktar Türkmenistanda iş saparynda bolup, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahatyna gatnaşdy. 2

### IFT-2025: kitaraplaýyn ylalaşyklara gol çekildi

Paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly hususy pudaga maýa goýumlary çekmek boýunça halkara forum geçirildi. Şonuň çäklerinde Türkmenistanyň wekiliýeti bilen daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň arasynda gepleşikler geçirildi. 3

### Malaýziýanyň türkmen talyplary üçin talyp haklary mümkinçilikleri öwreniler

Türkmenistanyň Bilim ministri J.Gurbangeldiýew Malaýziýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi jenap Mohd Suhaimi Bin Ahmad Tajuddin bilen duşuşdy. 4

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI: TOPH TASLAMASY 1,75 MILLIARD ILATY BOLAN ÝURTLARY TEBIGY GAZ BILEN ÜPJÜN EDER




Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda geçirilen “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny” atly halkara maslahata gatnaşdy.

Bu halkara maslahatynda çykyş eden türkmen halkynyň Milli Lideri sebitiň möhüm energetika we ulag-infrastruktura taslamalary barada maglumat berdi.

– Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisi örän möhüm taslamalaryň biridir. Bu taslamanyň maksady häzirki döwürde jemi 1 milliard 750 million ilaty bolan ýurtlary tebigy gaz bilen üpjün etmekdir. Häzir biz bu taslamanyň işleriniň bellenen maksatnama laýyklykda alnyp barylýandygyny ynam bilen aýdyp bileris. Bu gaz geçirijiniň ýurdumyzyň çäklerinden geçýän, uzynlygy 214 kilometr bolan bölegi guruldy. Geçen ýylyň sentýabrynda bolsa onuň 153 kilometrlik Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat böleginiň gurluşygyna badalga berildi. Häzirki wagtda onuň gurluşygy Owganystanyň çäklerinde dowam etdirilýär – diýip belledi.

Şeýle hem Milli Liderimiz hünärmenleriň baha bermegine görä, gaz geçirijiniň we degişli üpjünçilik ulgamlarynyň, täze edara-kärhanalaryň gurulmagy Owganystanda 12 müň iş ornuny döretmäge mümkinçilik berer. Bu ýurtda ençeme möhüm ynsanperwer soraglary çözmäge ýardam etjekdigini belledi.

## Türkmen halkynyň Milli Lideri we Walentina Matwiýenkonyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy



Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Walentina Matwiýenkonyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

Söhbetdeşligiň dowamynda Milli Liderimiz Türkmenistanda Russiýa Federasiýasy bilen dostlukly gatnaşyklara ýokary baha berilýändigini hem-de ýurdumyzyň dürli ugurlar boýunça ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini artdyrmaga çalyşýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygynyň häzirki wagtda, şeýle hem uzak möhletli geljekde bu işde möhüm orun eýelejekdigine berk ynam bildirildi.

Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda strategik hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Şunda özara gatnaşyklaryň täze formatlaryny döretmek we olaryň netijeli hereket etmegini üpjün etmek boýunça durmuşa geçirilen başlangyçlaryň ähmiýetine üns berildi. Ýurtlarymyz bu ugurdaky hyzmatdaşlyga işjeň gatnaşýarlar. Hususan-da, Walentina Matwiýenkonyň goldaw bermeginde ýola goýlan parlamentara hyzmatdaşlygyň möhüm ugry – Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň parlamentarileriniň duşuşyklary barada gürrüň edildi. Şunuň bilen birlikde, “Merkezi Aziýa – Russiýa” zenanlar dialogynyň täze ösüşe eýe bolandygyna üns çekildi. Bu formatlaryň çäklerindäki ilkinji çäreler 2022-nji ýylyň maýynda geçirildi diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy we parlamentarileriň nobatdaky duşuşygyny, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Russiýanyň zenanlarynyň dialogyny guramagy teklip etdi.

# TÜRKIÝÄNIŇ ENERGETIKA MINISTRI: TÜRKMEN GAZYNYŇ TÜRKIÝÄ IBERILMEGI TARYHY ÄDIM

Türkiýe Respublikasynyň energetika we tebigy serişdeler ministri Alparslan Baýraktar Türkmenistanda iş saparynda bolup, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahatyna gatnaşdy.

Maslahat gatnaşmak üçin Aşgabada gelen dostlukly ýurduň energetika ministri Alparslan Baýraktar Türkmenistanyň Prezidenti hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri bilen duşuşdy.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda Türkiýe Respublikasynyň energetika we tebigy serişdeler ministri Alparslan Baýraktaryň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Batyr Amanow bilen duşuşygy boldy we duşuşykda iki ýurduň arasynda ýangyç-energetika pudagyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň esasy ugurlary barada pikir alşyldy.

“Ata Watan Media” toparynyň hem gatnaşan duşuşygyna Türkmenistanyň döwlet ministri, “Türkmengaz” döwlet konserniniň başlygy Maksat Babaýew hem gatnaşdy.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Batyr Amanow duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň Prezidenti hem-de türkmen halkynyň Milli Lideriniň Türkiýe Respublikasy bilen gatnaşyklara uly ähmiýet berýändigini aýtdy.

Türkiýe Respublikasynyň ministri hem öz gezeginde Aşgabatdaky möhüm maslahat gatnaşýandygy uly buýsanç bilen belläp, myhmansöýerlik üçin türkmen tarapyna öz hoşallygyny bildirdi.

Duşuşykda soňra “Ata Watan Media” topary bilen bir hatarda habarçylara beýanat beren Türkiýe Respublikasynyň energetika we tebigy serişdeler ministri Alparslan Baýraktar Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasyndaky gatnaşyklaryň iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň goldawy bilen ýokary derejede alnyp barylýandygyny belledi.

Iki ýurduň arasyndaky tebigy gaz pudagyndaky hyzmatdaşlykda anyk ädimleriň ädilendigini bellän Türkiýäniň ministri 1.5 million hojalygyň tebigy gaz üpjünçiligi üçin tebigy gaz akymynyň başlandygyny belläp geçdi.

– Bu saparyň çäklerinde geçirilen duşuşyklarda



bu hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek, tebigy gazyň iberilýän möçberlerini artdyrmak, diňe Türkiýä däl, eýsem başga ýurtlara hem türkmen gazyny ibermek boýunça pikir alyşdyk. Şu ýylyň dowamynda bu taslamalar boýunça hem anyk netijelere gazanarys. Hususan-da, Türkiýä barýan gazyň möçberiniň artdyrylmagy, ýylyň ahyryna çenli 1.3 milliard kubmetr tebigy gazyň has ýokary mukdara ýetirilmegi, şertnamamyzyň möhletiniň uzadylmagy babatda ylalaşyk gazandyk.

Hemişe belläp geçişim ýaly, Türkmenistanyň tebigy gazyny Türkiýä Hazar deňziniň üsti bilen ibermek boýunça taslama bar. Bu ugurda hem gepleşiklerimiz dowam etdiriler.

Şeýle hem Türkmenistanda uglewodorod ýataklarynyň özleşdirilmegi babatda hem hyzmatdaş-

# ADEM KULA: MAÝA GOÝUMLAR TÜRKI DÜNÝÄSINIŇ ÖSÜŞINIŇ AÇARYDYR

Forumyň çäklerinde geçirilen plenar mejlisde çykyş eden Türki döwletleriň söwda-senagat edaralarynyň baş sekretary Adem Kula türki döwletleriniň ykdysady hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmakda maý goýumlaryna möhüm orun degişlidigini belledi.




Guramanyň söwda-senagat edaralarynyň işiniň çäklerinde 2025-nji ýylyň iş meýilnamasynyň kabul edilip, onda söwda amallaryny ýeňilleşdirmegiň göz öňünde tutulandygyny bellän Adem Kula munuň guramanyň döwletleriniň arasynda söwda gatnaşyklarynyň bökdençsiz ýöredilmegine ýardam etjekdigini aýtdy.

Türki maýa goýum forumynyň işini işjeňleşdirmegiň zerurdygyny bellän Adem Kula munuň türki döwletleriň maýadarlarynyň hem-de telekeçileriniň arasynda gönüden-göni gatnaşyklary gurnamak üçin möhüm meýdança öwrüljekdigini nygtady.

Adem Kula Türkmenistana maýa goýýan kompaniýalaryň artykmaçlyga eýe bolbandygyny aýdyp, Türki döwletleriň söwda-senagat edaralaryna agza döwletleri Türkmenistanda maýa goýum taslamalaryny özleşdirmäge çagyrdy. Şeýle hem ol ulag geçelgelerini, husussan-da Gündogar-Günbatar we Trans-Hazar geçelgesini ösdürmegiň wajypdygyny belledi.

Adem Kula TransHazar geçelgesini döretmek üçin bilelikde iş alyp barmagyň zerurdygyny belläp, munuň Türkmenistana energiýa serişdelerini Ýewropa bazaryna eksport etmäge we sebitiň ýurtlarynyň arasynda ykdysady gatnaşyklara pugtalandyrmaga ýardam etjekdigini aýtdy.

## “Al Sharq” gazeti: Aşgabat we Doha gaz we ulag pudagynda hyzmatdaşlygyny ösdürer



Ozal hem habar berşimiz ýaly, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Katar Döwletinde iş saparynda boldy. Katar Döwletiniň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Tani bilen duşuşan türkmen wekiliýeti Kataryň “Al Sharq” gazetine beren beýanatynda türkmen-katar gatnaşyklary barada belläp geçdi.

Kataryň halkara arenasyndaky üstünlikleri barada durup geçen daşary işler ministri Raşid Meredow iki ýurduň halkara meselelerindäki garaýyşlary barada aýdyp, Türkmenistanyň “Dialog – parahatçylygyň kepili” atly başlangyjy öňe sürendigini mälim etdi.

Şeýle hem türkmen wekiliýetiniň ýolbaşçysy 2025-nji ýylyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýlip yglan edilendigini, 12-nji dekabrda Aşgabatda geçiriljek halkara forumyň ähmiýetiniň uludygyny we şunuň bilen baglylykda, Katar Döwletini bu halkara foruma çagyrandyklaryny aýtdy.

Daşary işler ministri iki ýurduň arasyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek üçin gaz pudagy boýunça türkmen wekiliýetiniň Katar Döwletine iş saparyny guramagy teklip etdi. Şol bir wagtda katarly maýadarlaryň Türkmenistan iş saparyny guramak we Turgundi-Hyrat demirýol taslamasynyň maýa goýum mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak teklip edildi.

Mundan başga-da, ulag we logistika ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek üçin “Qatar Airways” kompaniýasynyň wekiliýetiniň Türkmenistana saparyny guramak teklibi öňe sürüldi.

Şeýle hem Türkmenistanda Kataryň Medeniýet günlerini geçirmek teklibi bilen ýüzlenilip, munuň türkmen halkynyň Kataryň baý medeniýeti we sungaty bilen tanyşmaga giň mümkinçilik döretjekdigi bellenildi.

# HYTAÝ 13 ÝYL BÄRI TÜRKMENISTANYŇ IŇ ULY SÖWDA HYZMATDAŞY

Hytaýyň Halkara Söwda Ösüş Geňeşiniň (CCPIT) başlygynyň orunbasary Ýuý Szýanlun Hytaýyň Türkmenistanyň 13-nji ýyl bäri iň uly söwda hyzmatdaşy hökmünde öz ornuny dowam etdirýändigini, ikitaraplaýyn söwda mukdarynyň 2024-nji ýylda 10,65 milliard dollara ýetendigini aýtdy. Ol bu barada Aşgabatda hususy pudaga maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forumda (IFT 2025) eden çykyşynda belläp geçdi.

Ol iki ýurduň arasyndaky söwda we ykdysady hyzmatdaşlykda uly üstünliklere ýetilendigini belläp, Hytaý-Merkezi Aziýa gaz geçirijisi arkaly berilýän türkmen tebigy gazynyň müňlerçe hytaý maşgalasyny tebigy gaz bilen üpjün edýändigini, Hytaýyň sarp ediş harytlaryna, awtoulaglaryna we beýleki önümlerine türkmen alyjylarynyň isleginiň ýokarydygyny aýtdy.

2024-nji ýylyň ahyryna çenli Hytaýyň Türkmenistana ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna göni maýa goýumlarynyň mukdary 260 million dollar boldy. Iki ýurduň kompaniýalary infrastruktura, energetika we logistika ýaly ugurlar boýunça birnäçe taslamany üstünlikli durmuşa geçirdiler.

Forumyň çäginde energetika, söwda, oba hojalygy, binagärlik, logistika we maşyn gurluşygy ýaly pudaklara wekilçilik edýän onlarça hytaý kompaniýasynyň wekiliýeti Aşgabada geldi.

# IFT-2025: IKITARAPLAÝYN YLALAŞYKLARA GOL ÇEKILDI

Paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly hususy pudaga maýa goýumlary çekmek boýunça halkara forum geçirildi. Şonuň çäklerinde Türkmenistanyň wekiliýeti bilen daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň arasynda gepleşikler geçirildi.

Duşuşyga gatnaşyjylar söwda, ykdysadyýet, tehnologiýa we maýa goýumlar babatda giň gerimli hyzmatdaşlyk gatnaşyklary boýunça pikir alyşdylar. Şeýle hem kii we orta telekeçiligi ösdürmek, mundan başga-da, özara maýa goýumlaryny artdyrmak babatda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek babatda ylalaşdylar.

Şunuň bilen baglylykda, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda bilelikde iş alyp barmaga giň mümkinçilik açjak ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine gol çekildi.

Hususan-da, ýurdumyzyň hususy pudagynyň wekilleri bilen Russiýa Federasiýasynyň, Niderlandlar Patyşalygynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň kompaniýalarynyň arasynda çarçuwaly ylalaşyklara, özara düşünişmek hakynda ähtnamalara gol çekildi. Şeýle hem Türkmenistanyň hususy kärhanalarynyň täze önümleriniň, maýa goýum taslamalarynyň tanyşdyrylyşy boldy.

Bu ylalaşyklar işewürlik gatnaşyklaryny pugtalandyrmak bilen, söwdanyň möçberini artdyrmaga we maýa goýumlaryň çekilmegine gönükdirilendir.




















# TÜRKMENISTAN 11 MILLIARD DOLLAR MÖÇBERINDE MAÝA GOÝUMLARY ÇEKER

Şu gün paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara forum öz işine başlady. Bu forum ýurdumyzyň hususy pudagynyň maýa goýum mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak, tejribe alyşmak üçin möhüm meýdança öwrüldi.

Forumda çykyş eden Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministriniň orunbasary Perhat Ýagşyýew ýurdumyzyň maýa goýum syýasatynyň durmuş-ykdysady görkeizjileri ýokarlandyrmaga gönükdirilendigini belledi. Ol Türkmenistanyň öz ykdysadyýetini pugtalandyrmak üçin giň mümkinçiliklere eýedigini aýtdy.

Sebit we durmuş maksatly taslamalary durmuşa geçirmegiň çäklerinde 11 milliard dollar möçberinde maýa goýumlaryny çekmegiň meýilleşdirilýändigini aýtdy. Munuň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynyň durnukly ösüşini üpjün etmäge gönükdiriler.

Häzirki wagtda Türkmenistan bilen onuň hyzmatdaş döwletleriniň arasynda 63 şertnama hereket edip, munuň maýa goýum pudagynda halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirilýändiginiň subutnamasy bolup durýandygy bellenildi.

Bu şertnamalar bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge amatly şertleri döredýär.

# TÜRKMENISTAN-GAZAGYSTAN: HARYT DOLANYŞYGY 1 MILLIARD DOLLARA ÝETIRILER

«Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly hususy pudaga maýa goýumlary çekmek boýunça halkara forumda Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri beýan edildi.

Gazagystanyň "Samruk-Kazyna" gaznasynyň wekili Aýdar Kazybaýew iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň okgunly depgini barada belläp geçdi.

2024-nji ýylyň jemleri boýunça Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky söwdanyň möçberi 500 million dollara barabar boldy. Öňde has uly wezipe dur. Ol hem özara haryt dolanyşygyny 1 milliard dollara ýetirmek göz öňünde tutulýar.

Gazak kompaniýalary türkmen ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynda, hususan-da, nebitgaz, gurluşyk, logistika, obasenagat toplumynda hyzmatdaşlyk etmäge gyzyklanma bildirýär.

Hyzmatdaşlygyň esasy ugurlaryndan biri ulag we logistika infrastrukturasyny ösdürmekdir. Gazagystan bilen Türkmenistan umumy Hazar deňzi bilen birleşip, bu hem özara peýdaly hyzmatdaşlyga täze mümkinçilikler açýar.

## BEÝIK ÝEŇŞIŇ 80 ÝYLLYGY: TÜRKMENISTANDA «GYZ KASAMY» ÇEPER FILMI SURATA DÜŞÜRILÝÄR

Beýik Ýeňşiň 80 ýyllygy: Türkmenistanda «Gyz kasamy» çeper filmi surata düşürilýär

Türkmenistan döwletimizde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň giňden bellenilýän 2025-nji ýyl ýene-de bir şanly ýyllaryň biridir. Üstümizdäki ýylda Beýik Watançylyk urşunda gazanylan ýeňşiň 80 ýyllygy giňden bellenilýär.

Şunuň bilen baglylykda, Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi bu baýramçylyga bagyşlap, täze çeper film surata düşürýär. Ozal, Beýik Ýeňşe bagyşlap, "Gyzyl kürte" filmini goýan reżissýor Sahysalyh Baýramow bu gezek "Gys kasamy" atly çeper filmine baýramçylyga ýetişdirmek ugrunda tagalla edýär.



Täze filmiň surata düşüriliş işleri işjeň ýagdaýda alnyp barylýar. Reżissýor Sahysalyh Baýramow bu çeper filmi türkmen zenanlarynyň durmuşynda bolup geçen hakyky wakalar esasynda surata düşürýär.

Çeper filmde ýanýoldaşlaryny we öz ýakynlaryny 1940-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna iberen türkmen zenanlarynyň tyldaky durmuşa açylyp görkezilýär. Filmde oba gyzynyň durmuşy wakalary suratlandyrylýar we döredijilik topary ýurdumyzyň Kerki, Saýat we Halaç etraplarynda bolup, şol ýerde surata düşürmek işlerini alyp barýarlar. Filmiň baş gahrymanynyň keşbini teatryň sungat işgäri Aýna Rozyýewa janlandyrýar.

## PUTIN WE TRAMPYŇ 2-NJI TELEFON SÖHBETDEŞLIGI

Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin bilen ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy. Iki ýurduň döwlet Baştutanlary mundan ozal, 12-nji fewral telefon arkaly söhbetdeşlik geçiripdi.

Bu gezekki telefon söhbetdeşliginde özara gatnaşyklary hem-de halkara gün tertibiniň esasy wakalary boýunça pikir alşyldy. Her iki tarapyň özara söwda gatnaşyklaryny ösdürmek babatdaky garaýyşlary beýan edildi.

Donald Tramp häzirki wagtda ABŞ-nyň Russiýa bilen giň gerimli söwda gatnaşyklarynyň ýokdugyny belläp, bu ugurda hyzmatdaşlyk etmek boýunça pikir alşandyklaryny aýtdy.



Taraplar geljekde ykdysadyýet we energetika pudagynda özara peýdaly hyzmatdaşlygyň ösüş ugrundaky käbir pikirleri ara alyp maslahatlaşdy.

Şeýle hem ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp rus kärdeşi Wladimir Putin Milli hokkeý ligasy bilen Kontinental hokkeý ligasynyň arasynda duşuşyklar geçirmek hakyndaky başlangyjyny goldady. Iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň arasyndaky telefon arkaly söhbetdeşligi 2.5 sagat dowam etdi.








## AŞGABATDA HALKARA MODA GÖRKEZILIŞI GURALDY

Türkmenistanyň paýtagty Aşgabatda ilkinji gezek halkara moda görkezilişi guraldy. Bu möhüm çärä Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 17 ýyllygyna bagyşlanyp geçirildi.

Moda çäräsi paýtagtymyzdaky "Toý mekany" merkezinde guraldy. Onuň çäklerinde 6 ýurduň moda dünýäsiniň öňdebaryjy dizaýnerleriniň dürli lybaslarynyň görkezilişi boldy. Moda görkezilişi britan dizaýner Wiwien Westwudyň kolleksiýasy bilen başlady. Soňra sahnada Italiýanyň "Maison Avaro Figlio" moda öýüniň, Omanyň "Yoland Brand" moda öýüniň, Marokkonyň "Hind Berrada" moda öýüniň, şeýle hem Fransiýadan gelen meşhur dizaýner Klod Patrigiň kolleksiýasy bilen tanyşdyryldy.

Şeýle hem moda görkezilişinda ýurdumyzda hususy pudagynyň moda pudagynda iş alyp barýan wekilleri "Gölli" we "Jennet tagty" ýaly modalar öýleriniň, şeýle hem «Mährili zenan», «Mynasyp», «Nagyşly güzer», «Aina Sari», «Aýperi» modalar öýleriniň milli däpleri döwrebap biçüwler bilen utgaşdyryp taýýarlan lybaslary görkezildi.

«Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizilen Aşgabatda ilkinji gezek geçirilen türkmen we dünýä modasynyň öňdebaryjy dizaýnerleriniň moda görkeziliş dabarasy daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, hususan-da, «Al Arabiya TV», «Al Dubai Arabiya TV», «Fashion TV» teleýaýlymlarynyň, «Vanity Fair», «Vogue», «Marie Claire Arabia», «Grazia», «Elle» žurnallarynyň, «Fashion Network» gazetiniň wekilleriniň gatnaşmagynda guraldy.

## MALAÝZIÝANYŇ TÜRKMEN TALYPLARY ÜÇIN TALYP HAKLARY MÜMKINÇILIKLERI ÖWRENILER

Türkmenistanyň Bilim ministri J.Gurbangeldiýew Malaýziýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi jenap Mohd Suhaimi Bin Ahmad Tajuddin bilen duşuşdy. Duşuşygyň dowamynda iki ýurduň bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygynyň geljegi, ýokary bilim we hünär taýýarlygy, şeýle-de ýaşlaryň bilim mümkinçilikleriniň giňeldilmegi bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmenistan bilen Malaýziýanyň bilim babatda hyzmatdaşlygynyň aýdyň mysaly hökmünde "Petronas" kompaniýasynyň Türkmenistandaky işjeňligi bellenildi. Bu kompaniýanyň Tehnologik uniwersitetinde türkmenistanly ýaşlaryň ýokary hilli bilim almaklary üçin döredilýän mümkinçilikler aýratyn nygtaldy.

Duşuşykda iki ýurduň bilim edaralarynyň arasynda täze hyzmatdaşlyk ugurlaryny işläp taýýarlamak, şol sanda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek boýunça teklipler öňe sürüldi. Şeýle hem Malaýziýanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň Türkmenistanda geçirilýän halkara olimpiadalara we bäsleşiklere işjeň gatnaşmagy babatda pikir alşyldy.

Türkmenistanyň Bilim ministri jenap Ilçä Türkmenistanda geçirilјek Mekdep okuwçylarynyň II Halkara matematika olimpiadasyna malaýziýaly okuwçylaryň gatnaşmagy üçin çakylyk hatyň iberilendigini belläp, bu çäräniň iki ýurduň bilim gatnaşyklarynyň has-da berkemegine goşant goşjakdygyna ynam bildirdi.

Türkmenistan bilen Malaýziýanyň bilim ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmek maksady bilen, geçen ýylyň ahyrynda gol çekilen resminamalaryň ýerine ýetirilişi boýunça iş meýilnamalarynyň taýýarlanandygy beýan edildi.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi Malaýziýanyň hökümeti tarapyndan türkmen talyplary üçin talyp haklarynyň (scholarship) hödürlenmegi mümkinçiligini öwrenmegi haýyş edip, bu başlangyç bilen bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň täze tapgyra çykjakdygyna ynam bildirdi.



Öz nobatynda, Malaýziýanyň Ilçisi jenap Mohd Suhaimi Bin Ahmad Tajuddin hödürlenen teklipler üçin minnetdarlyk bildirip, Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasynda bilim ulgamynda gatnaşyklary ösdürmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny nygtady. Mundan başga-da, Malaýziýa bilen Türkmenistanyň arasynda orta hünär okuw mekdepleri boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek baradaky teklibini beýan etdi.

## Emeli aň bilen ilkinji gezek aýdym albomyny döretdi



«Spotify» platformasy emeli aň tarapyndan döredilen 2 sany aýdymy öz meýdançasynda ýaýlyma berdi. Bu platformada ilkinji gezek emeli aň mümkinçilikli aýdymlar goýberildi. Umuman, emeli aň tehnologiýasynyň sungata we kinoda giňden peýdalanylmagy bilen bir hatarda bu tehnologiýa aýdym-saz ulgamyna hem aralaşdy.

Ispan sungat işgäri Pedro Sandowal tarapyndan emeli aň bilen döredilen ilkinji albomy "Spotify" platformasynda elýeterli boldy.

Pedro Sandowal, Luis Miguel Martinez we Felipe Sandowal emeli intellekt bilen döreden sanly seslerini tomaşaçylara hödürlediler. Emeli intellekt bilen döredilen "ZKY-18" we "Dirty Marilyn" aýdymlary aýdym-saz muşdaklarynyň haýran galdyrdy.

Bilşiňiz ýaly, "Ata Watan Media" döredijilik topary hem emeli aň mümkinçiliklerinden ýerlikli peýdalanmak ugrunda giň tagallalar edýär. Mälim bolşy ýaly, döredijilik toparymyz eýýäm emeli aň mümkinçilikli birnäçe aýdymlaryny taýýarlap, halk köpçüligine ýetirdi.

## Azerbaýjan emeli aň strategiýasyny kabul etdi



Azerbaýjanda Emeli aň akademiýasyny döretmek meýilleşdirilýär we bu akademiýa häzirki zaman tehnologiýasy boýunça hünärmenleri taýýarlamak üçin möhüm meýdança bolar. Bu başlangyç Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew tarapyndan tassyklanan 2025-2028-nji ýyllarda emeli aň strategiýasynda öz beýanyny tapdy.

Strategiýa laýyklykda, 2026-2027-nji ýyllarda akademiýa dünýäde ilkinji 10-lyga girýän öňdebaryjy 2 sany daşary ýurt uniwersitetleri bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýar. Maksat – emeli aň ulgamynda 500 sany ýokary derejeli inženerleri taýýarlamakdan we 3 müň adamlyk professional jemgyýeti döretmekden ybaratdyr.

Emeli aň ulgamy boýunça hünärmen mümkinçiligini ösdürmek üçin bäsleşikli meýdança döredilýär. Şeýle hem maglumat gory meýdançasy döredilip, döwlet edaralarynyň 500 işgäri üçin dürli okuwlar guralar.

## «Daýhanbank» banky: «Toý» karzyndan peýdalanmaga çagyrýar

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky toý dabaralaryny geçirmek üçin hödürlenilýän «Toý» karzynyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanmaga çagyrýar.

**Karzyň möçberi:** 100 000 (bir ýüz müň) manada çenli.

**Möhleti:** 3 ýyla çenli.

**Göterimi:** ýyllyk 7 %.

**Karzyň üpjünçiligi:** zamunlyk ýa-da girew emlägi.

**Hormatly ildeşler!** Bankymyzyň hödürleýän «Toý» karzyndan peýdalanmak üçin ýüztutmalaryňyzy we degişli resminamalaryňyzy bankyň resmi www.dayhanbank.gov.tm internet sahypasynyň «Onlaýn ýüzlenmeler» bölüminiň üsti bilen onlaýn görnüşinde hem iberip bilersiňiz.

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**

**Aşgabat şäheri boýunça:** + 993 12 38-03-79; + 993 12 38-03-65.

**Arkadag şäheri boýunça:** + 993 12 57-14-11; + 993 12 57-14-02.

**Ahal welaýaty boýunça:** +993 137-33-4-39.

**Balkan welaýaty boýunça:** + 993 246-5-21-51.

**Daşoguz welaýaty boýunça:** + 993 322-9-35-07.

**Lebap welaýaty boýunça:** + 993 422-9-13-48.

**Mary welaýaty boýunça:** +993 522-6-76-40.

## Taryhynda ilkinji gezek Angliýanyň Liga kubogyny gazandy

Angliýanyň "Nýukasl" topary Angliýanyň Liga kubogynyň finalynda "Liwerpul" toparyny 2:1 hasabynda utup, 70 ýyldan soňra bu kubogy gazanmagy başardy.

Angliýanyň meşhur "Uembli" stadionynda geçirilen duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň gollaryny 45-nji minutda Den Bern we 52-nji minutda Aleksander Isak geçirdi. "Liwerpulyň" ýeke-täk goly 90+4-nji minutda Federiko Kýezadan geldi.



Şeýlelikde, "Nýukasl" topary öz taryhynda ilkinji gezek Angliýanyň Liga kubogyny gazandy. Topar mundan ozal, bu kubokda 2 gezek finala çykypdy. 1976-njy we 2023-nji ýyllarda bolupdy.

"Liwerpul" topary 2024-nji ýylda bu kubogy gazanypdy. Şeýle hem topar bu kubogy gazanmakda rekorda eýe bolup, 10 gezek 1981, 1982, 1983, 1984, 1995, 2001, 2003, 2012, 2022-nji ýyllarda kubogy gazanypdy.